# Musulmanlara Täze ýyl baýramçylygyny bellemek günämi?

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Musulmanlara Täze ýyl baýramçylygyny bellemek günämi?
MUSULMANLARA TÄZE ÝYL BAÝRAMÇYLYGYNY BELLEMEK GÜNÄMI?




Häzirki döwürde syýasy reňk çaýylan yslamparazlygyň gelen ýa-da getirilen sepgidinde «Musulman Noel baýramyny bellemeýär», «Musulmana Täze ýyl gününi bellemek bolanok» diýen ýaly käbir kişileriň we toparlaryň jemgyýeti agzalalyga we özara düşünişmezlige iterýän derejede özlerini alyp baryşlary yslamyň faşistik ideologiýa deňelmegine sebäp bolýar.
Elbetde, wagt hemme zady ýerbe-ýer goýubam ýör. Ýöne durmuş tejribesi wagtyň gymmatyny bilmeklik we durmuşy ýaşamaga amatly ýagdaýa getirmeklik üçin wagty öndürijiligiň görnüşleri we gatnaşyklaryň-da barha degişli bolmagy bilen bölümlere bölüpdyr. Bu babatda iň uzyn bölümlere bölünen wagt birliklerinden biri-de, elbetde ýylyň ahyry – ýylyň başy bilen baglanyşykly bölümlerdir.

Sagat, gün, hepde, aý, pasyl we ýyl ýaly wagt birlikleriniñ içinde iñ kesgitli we iñ agramly wagt bölumi «ýyl» bolsa gerek.
Özüñiz pikir edip görüñ, ýaşymyzyñ näçediginden başlap, geçmişde nämäni näçeräk edendigimizden gelejege degişli ähli göz öñünde tutan maksatlarymyz üçin hemişe ýyldan we ýyllardan peýdalanýarys. Bu resmi we şahsy işlerimiz üçinem hemişe şeýle.
Esasanam ýyl has öñe çykýar. Kesgitleýjiligi, praktiki manyda ölçeg we baha berme serişdesi hökmünde peýdalanyp bolýanlygy munuñ sebäpleriniñ biridir.
Ýyl – durmuşymyzyñ içindäki ähli gymyldy-hereketiñ we wakalaryñ döwürleýin jemini iñ gowy görkezýän hasap-hesip etabydyr. Çünki ýyl birligi ýa-da etaby ömrüñ döwürleýin hasap-hesipleri üçin iñ işjeñ wagt birliklerinden biridir. Sebäbi üýtgeşme diýýän her bir zadymyz umuman alanda ýyl möhletiniñ içinde belli bir görnüşe gelýär. Şonuñ üçin ýyl – ömrüñ ýaşaýyş ölçegleriniñ gelip-gidýän we yzynda galýanlary wagt taýdan iñ gowy görkezýän etapdyr.
Şeýlekin derejede ähmiýetli «ýyl» meselesiniñ we hakykatynyñ öñünde adam oglunyñ bir ýyly soñlandyryp, beýlekisini garşy almasynda görkezýän birnäçe hereketdir çäreleri amala aşyrmagyna dogry düşünmek gerek. Hut şol hereketdir çäreleriñ ilki öñ geçip gidenleri we soñam her ýyl gaýtalanýan çäreleriñ tradisiýa we hatda medeniýete öwrülmesine-de dogry düşünmek gerek.

- **«Musulman Noel baýramyny bellemeýär». «Musulmana Täze ýyl gününi bellemek bolanok»**

Täze ýyl güni ýa-da täze ýyl boýunça ýokarky iki jümläni garaldyp bermek şu ýazgynyñ esasy temasydyr.
Birinjisi, häzirki döwürde syýasy reñk çaýylan yslamparazlygyñ gelen ýa-da getirilen sepgidinde «Musulman Noel baýramyny bellemeýär», «Musulmana Täze ýyl gününi bellemek bolanok» diýen ýaly käbir kişileriñ we toparlaryñ jemgyýeti agzalalyga we özara düşünişmezlige iterýän derejede özlerini alyp baryşlary yslamy faşistik ideologiýa bilen deñ görülmegine sebäp bolýar.
Hemme zatdan öñ Noel bilen Täze ýylyñ hersiniñ aýry-aýry zatdygyny dindar gatlaklaryñ bilmesi gerek diýip pikit edýär.

Täze ýyl gününi bellemegiň Günbatar ýa-da hristian däbi däl-de, Ýakyn Gündogaryň paganistik däbidigini, täze ýylyň «1-nji ýanwar» bolmagynyň hristianlyk bilen hiç hili baglanyşygynyň ýokdugyny, şeýle-de Täze ýyl gününiň Noele degişli däl däplerdigini bilmegiň we muny şahsylaşdyrmagyň adamyň gumanistik we dünýewi ýaşaýyş formasy üçin gereginiň ýokdugyny näçe adam aýdyp bilerkä?!
Haýsydyr bir musulmanyň Täze ýyla gadam basanda öz öňünde täze maksatlary goýmagy, täze etsem-petsemleri meýilleşdirmegi, umytly sebäplere we ýagşy niýetlere daýanýan täze hyýal ýüwürtmeleri näme üçin erbet ýa-da günä bolmalyka?
Hasam beteri, adamlaryň Noel baýramyny gutlamagy bolmajak zat däl. Muňa oňyn göz bilen seredilmegi öňem ýüki ýetik durmuşymyzy azajygam bolsa ýeňilleşdirmezmi?
Jogabyň «oňaýsyz» we «ýok» bolmagy diniň däl-de, syýasylaşdyrmaga çalşylýan diniň durmuşymyza nä derejede täsir edýändigininiň görkezijisinden başga hiç zat däldir.
Ikinji bir aşagyny çyzyp ünsüňizi çekmek isleýän meseläm: soňky wagtlarda barha artýan ýagdaýda ençeme ýyllardan bäri käbir adamlar geljek täze ýyldan gowy zatlara garaşmaýar, geçen ýyllaryň şowsuzlyklara zerarly lapykeçlige düşüp gelejeginden gowy zatlary umyt etmeýär. Bu bolsa hakykatdanam oňlap bolmajak ýaramaz ruhy ýagdaýdyr. Çünki bu ýagdaýy diňe «garramak» bilen düşündirip bolmaýar. Sebäbi ýaşan ýaşy heniz gelejegiň hasabyna gowy zatlary umyt etmäge ukyply ýaşlar täze ýylyň joşgunyndan we umydyndan has uzakda. Galyberse-de, ýaşy näçe bolanda-da, sagdyn adamlaryň arzuw-umytlary üýtgäp biler, ýöne hiç haçan tükenmez.
Bu elbetde, syýasylaşdyrylan yslamyň agyrlygy we emele getiren jemgyýetçilik pikiri bilen baglanşyklydyr. Emma emele getirilen we sebäp bolunan gelejege degişli umytlaryň gutarmagy we ýok edilmegi aýgytly faktordyr.
Dawalar, çaknyşyklar, uruşlar, ölümler, türmeler, tussag astyna almalar, paýyş sözler, çetleşdirmeler, gadyrsyzlaşdyrmalar we ähmiýetsizleşdirmeler, gorky, werziş etdirme we elbetde çäklendirilen ykdysady durnuklylyk ýaly zatlary bir ýere jemläp pikirlenende, doýgunlygyň we

alaçsyzlygyñ ruhy ahwaly «Täze ýyl» baýramçylygyny bellemäge ýa-da has dogrusy bellemeýänleriñ bolşuna gönüden-göni täsir edýär.
Şeýle-de bolsa dinine, diline, milletine, jynsyna, ýaşyna garamazdan, öñümizdäki Täze ýyl hemmeler üçin düşümli ýyllaryñ biri bolsun!

Ysmaýyl TOPKAÝA. Edebi makalalar